# …Çagasy

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
…Çagasy …ÇAGASY



Alaguş – elguşuň çagasy;
Çebşek – towşanyň çagasy;
Etene – garlawajyň, bürgüdiň, gumrynyň çagalary – ýumurtgadan çykan wagty ýeleksiz bolýanlar;
Gijen – pişigiň çagasy;
Goduk – gulanyň çagasy. Bu at «Gulan başyna gaý düşse, godugyna garamaz» diýen nakylda hem saklanyp galypdyr;
Göle – sygryň, sugunyň çagasy. Bu sözüň dilimiziň şiwelerinde «tana, öjek, höjek» ýaly aýdylyşyna hem duş gelinýär;
Guzy – goýnuň çagasy;
Güjük – itiň çagasy;
Itbalyk – gurbaganyň çagasy;
Jüýje – towugyň, käkiligiň, ördegiň çagalary – ýumurtgadan çykan wagty ýelekli bolýanlar;
Köşek – düýäniň çagasy. Köne türkmen dilinde «köşek» sözüne derek «bota» sözi hem ulanylypdyr. Bu söz «Düýe garrasa botasyna eýerer» nakylynda saklanyp galypdyr. «Düýe botlapdyr» aňlatmasy hem «bota – köşek» sözündendir;
Kürre – eşegiň çagasy;
Merdek – aýynyň çagasy;
Owlak – geçiniň, keýigiň çagasy;
Şirbeçe – ýolbarsyň çagasy. Magtymguly Pyragy «Aý-günüňiz batmaga» atly şygrynda: «Şir beçesi togsan tilkä atdyrmaz» diýýär;
Taý – ýylkynyň çagasy. Köne türkmen dilinde bu sözüň «gulun» nusgasy hem duşýar. Şol sebäpli hem «baýtal gulunlady» diýilýär;
Tokar – keýigiň çagasy;
Toýçy – tomzagyň çagasy;
Tula – şagalyň çagasy;
Üzit – möjegiň çagasy. Alyp-ýolup barýan çagalara «üzit ýaly» diýilmesi bardyr. Gadymy türkmen dilinde möjegiň çagasyna «mamrah» diýlişi-de duş gelýär;
Ýylançyr – ýylanyň çagasy;
Ýylpyz – tilkiniň çagasy. Ýöne bir zadyň deşiginden düşüp, oýnap duran şöhlä hem «ýylpyz» diýilýändigini aýtmak gerek. Hereketinde uçup-gonup duran adama «ýylpyz ýaly» diýilmesi hem bardyr. Halk döredijiligi we rowaýatlar